# «Aýaks operasiýasy» dowam edýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Aýaks operasiýasy" dowam edýär «AÝAKS OPERASIÝASY» DOWAM EDÝÄR

**Kermit “Kim” Ruzwelt Jr.** (1916-2000) – ABŞ-nyñ Prezidenti **Teodor Ruzweltiñ** agtygy…
**Garward uniwersitetiniñ** uçurymy…
**CIA/OSS**-yñ ofiseri.
“Alymlyk” derejesine bukulyp Nýu-Ýorkda **“The Institute of Arab American Affairs”** arap guramasyny we **«Ýakyn Gündogaryñ amerikan dostlary»** (AFME) instututlaryny açdy. Mukaddes topraklarda **Adalat we parahatçylyk komitetiniñ** (CJP) gurulmagyna öñbaşçylyk etdi.
Bularyñ arkasynda, şübhesiz, **MRU** (ABŞ-nyñ **Merkezi Razwedka uprawleniýesi – CIA**) bardy, pullar saudlaryñ **ARAMCO** guramazyndan gelýärdi!
MRU XX asyryñ ahyrlarynda **“Ylymly İslam” («Intellektual yslam»)** taslamasyna nähili goldaw beren bolsa, asyryñ ortalarynda-da **“Arabist Proje”** bardy. Munuñ düýp maksady **«Sowuk uruş»** ýyllarynda her edip-hesip edip araplary SSSR-den uzaklaşdyrmakdy…
SSSR bilen gowy gatnaşyk saklamagyñ tarapdary premýer-ministr **Muhammet Musaddyk** Eýrandaky nebit şereketlerini döwlet eýeçiligine geçirip, halkyñ goldawy bilen **Şa Muhammet Ryza Pehlewini** ýurtdan kowdy welin, amerikan hökümeti (Daşary işler ministri **Jon Foster Dallesiñ** üsti bilen) MRU-ny herekete girizdi.
Operasiýanyñ ady **«Aýaks»** («Ajax»), ýolbaşçysy-da **Kermit Ruzwelt** (kod ady **Jeýms Lochridge**)!
Kermit Ruzwelt premýer-ministr Musaddyky MRU-nyñ gatnaşmagynda nädip agdarandyklaryny **“Countercoup”** kitabynda öwüne-öwüne gürrüñ berdi.

ABŞ-nyñ Prezidenti **D.Eýzenhauer** Kermit Ruzwelte bitiren işleri üçin gizlinlikde **Döwlet howpsuzlyk medalyny** berdi.
«Aýaks operasiýasy» Eýranyñ garşysyna gönükdirilen imperialistik hüjümleriñ birinjisi däldi…

■ **IKI AÝLYK BALANS**

2020-nji ýyl…. diñe **Kasym Süleýmanynyñ** we **Mohsen Fahrizadäniñ** garşysyna amala aşyrylan ganly terakt bilen çäklenendirler öýtmäñ!
Iñ soñky gezek Eýranyñ rewolýusion gwardiýasynyñ serkerdesi **Müslim Şahadanyñam** öldürilendigi aýdylýar.
Diñe şu ýylyñ iýun-iýul aýlarynda Eýranyñ neneñsi hüjümlere sezewar bolandygyny ýazaýyn:

– 2020-nji ýylyñ 25-nji iýunynda… Tähranyñ golaýyndaky **«Parçin»** harby kompleksde partlama döredi. Hut şol sagadyñ içinde **Şiraz** şäherinde ýene bir partlama bolup geçdi.
25 Haziran 2020…

– 2020-nji ýylyñ 30-njy iýunynda… Tähranyñ **«Sina Athar»** saglyk merkezinde 15-i aýal, 4-i erkek – jemi 19 adamyñ ölümine sebäp bolan partlama döredi.

– 2020-nji ýylyñ 2-nji iýulynda… **Netenz** şäherinde Eýranyñ iñ uly ýadro baýlaşdyrma bekedinde partlama bolup geçdi.

– 2020-nji ýylyñ 4-nji iýulynda… **Ahwaz** şäherindäki **«Şahid Medhaj Zargan»** elektrik bekedinde partlama bolup geçdi. Hut şol sagatlarda **Bender-Mahşehr** şäherindäki **«Karun»** nebit-himiýa merkezinde partlama bolup geçdi…

– 2020-nji ýylyñ 7-nji iýulynda… Tähranyñ günortasyndaky **Bakersahr** posýologynda ýerleşen wodorod zawodynda partlama bolup geçdi.

– 2020-nji ýylyñ 9-njy iýulynda… Tähranda Rewolýusion gwardiýa degişli **raketa bekedi** uruldy.

– 2020-nji ýylyñ 13-nji iýulynda… **Maşat** şäheriniñ golaýyndaky

**senagat toplumynda** ýerleşdiriş tanklarynyň duran ýerinde partlama bolup geçdi.

– 2020-nji ýylyň 18-nji iýulynda… **Ahwaz** şäheriniň **nebit geçirijisinde** partlama bolup geçdi.

2020-nji ýylyň 19-njy iýulynda… **Yspyhan**yň **elektrik bekedi** asmana uçuryldy.

Her teraktyň soňunda Günbataryň metbugaty şeýle ýazdy:

– Partlamalar gizlin ýadro tehnologiýasy merkezlerinde, ýadro dikuçarlarynyň ýerleşýän ýerlerinde bolup geçýärdi!
Teraktlary kimiň amala aşyrandygyny jedelleşdiler: MRU-my? MOSSAD-my?

Elbetde, olaryň hiç biri-de teraktlaryň barypýatan gaýdutlygyny ýazmady. Hukuksyzlygyň, eden-etdiligiň üstünde duran bolmady.
Eýrana garşy bolýan her gizlin hüjümiň **«tutarygy»** ýadro ýaragymyş we häzirem şeýle bolmagynda galýar.

## ■ ÝOL GANSYZ BOLMAÝAR

Her bolýan terakta biziň habar beriş serişdelerimiz döwrüň syýasy üýtgeşmelerine-atmosferasyna görä baha berýär!
Mysal üçin, Mohsen Fahrizadeh öldürildi welin, "**Baýden** Eýran bilen özara syýasy gatnaşyklary oňyn tarapa özgertjek boldy welin, amerikan **«gizlin döwleti»** (глубинное государство) we MOSSAD muňa päsgelçilik döretmek üçin Eýrany öjükdirjek bolýar!" diýip ýazdylar.
Şular ýaly syýasy seljermeleriň düýbi boşdur, bu – imperializmiň teoriýasyny bilmezlikdir.
ABŞ-nyň Eýrana garşy gönükdiren syýasaty-ykdysady täsirini artdyrma meýli täzelikmi näme? ABŞ ýylyň ýylyna her mümkinçilik dörän wagty Eýrany urýar ýa-da Ysraýylyň agressiýasyna göz ýumýar.
Nebit-gaz bilen birlikde Eýranyň tebigy baýlyklaryny eksplutatirläp almak isleýän ABŞ ýurduň häkimiýetini gowşadyp

agdarmak üçin her dürli usuly ulanmakdan gaýtmaýar.
Bahanalary-da hemişe taýýar – olar amala aşyrýan terrorçylykly operasiýalaryny "ýadro ýaragy" toslamasy bilen örtýärler. Galyberse-de, dünýäde häzire çenli ýadro ýaragyny başga bir ýurda garşy ulanan ýeke-täk ýurduň ABŞ bolmagynyň özi hakyky tragikomediýa!
Hakykaty gözleýän ýok. Eýran **BMG** bilen ylalaşyk baglaşandan soňra ýadro maksatnamasyny ep-esli çäklendirdi. Has soňra **Halkara Atom energiýasy guramasy** Eýranyň ýadro energiýasynyň çäklerinde bildirilýän talaplary ýerine ýetirendigini mälim etdi.
Imperial güýçler bular ýaly köre hasa hakykaty görmezlige salýarlar, mümkinçilik tapdyklaryndan Eýrany urýarlar, jenaýatçylykly operasiýalaryna dowam edýärler…
Imperializmiň Eýrana garşy gönükdirilen **«Aýaks operasiýasy»** gan dökmegine dowam edýär…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 02.11.2010 ý. Publisistika